**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky**
**№ 95 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-çsm "Çeperçilik we sungat mekdepleriniň işi barada hasabat" (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-çsm "Çeperçilik we sungat mekdepleriniň işi barada hasabat" ýyllyk formasy boýunça hasabaty öz balansynda mekdepler (çeperçilik we sungat) bolan ähli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan düzülýär. Görkezilen hasabata goşulýan maglumatlaryň ygtybarlylygyny gazanmak üçin öňünden mekdebiň içinde ýöredilýän ilkinji hasaba alyşy tutuşlygyna ýeterlik derejede tertibe salmak gerek. Ol ýazgylaryň görnüşlerini: okuwçylaryň şahsy iş depderçesini, okuwçylaryň ýazgysy geçirilýän kitabyny, buýruklar kitabyny, ýazuw we hojalyk abzallarynyň inwentar kitabyny we beýleki resminamalary doldurmak üçin peýdalanylýar. Maglumatlar okuw ýylynyň başyndan görkezilýär.

## 1 BÖLÜM.
## UMUMY MAGLUMAT

01-nji setirde mekdepleriň sany görkezilýär.

02-nji setirde mekdepde okaýan synpyny tamamlan we indiki synpa geçirilen okuwçylaryň sany görkezilýär.

03-nji setirde jaýlaryň hemmesiniň meýdany doly m$^2$ görkezilýär. Mekdebe degişli ähli jaýlaryň, boş däl we boş synp otaglarynyň, okuw otaglarynyň, ýöriteleşdirilen otaglaryň, ussahanalaryň, bedenterbiýe zalynyň we onuň kömekçi jaýlarynyň; müdiriň, onuň orunbasarynyň we lukmanyň otaglarynyň, mugallymlar otaglarynyň, naharhananyň, aşhananyň, ammarlaryň, dälizleriň, geýim çalşyrynylýan, ýuwnulýan otaglaryň we başgalar umumy meýdany ýazylýar

04-nji setirde okuw otaglarynyň we ýöriteleşdirilen otaglaryň sany görkezilýär. Abzallary we okuw enjamlaryny diňe saklamak üçin ulanylýan otaglar okuw otaglary hasaplanmaýar.

05-nji setirde oturylýan ýerleriň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## UGURLAR BOÝUNÇA OKUWÇYLARYŇ SANY

20__ -nj_ ýylyň sentýabr aýynyň 10-yna "Ugurlar boýunça okuwçylaryň sany" diýen 2-nji bölümde okuwçylaryň sany barada maglumat berilýär. Bölümleriň we ugurlaryň atlary okuw mekdepleri üçin tassyklanan gurluşa doly laýyk getirilip berilmelidir.

## 3 BÖLÜM.
## IŞGÄRLERIŇ SANY

"Işgärleriň sany" diýen 3-nji bölümde okuw mekdebinde mugallymçylyk edýän ähli işgärler barada maglumat berilýär.

Sagatlaýyn zähmet hakyny alýanlar we işini utgaşdyryp işleýänler hakyndaky maglumatlar mugallymlaryň umumy sanyna goşulýar (1-nji sütüniň 01 setiri). Şunda mugallymyň bir okuw mekdebindäki işi onuň esasy iş ýeri bolup, ol başga bir okuw mekdebinde hem utgaşdyryp ýa-da sagatlaýyn zähmet haky bilen işleýän bolsa, onda ol esasy işleýän ýeri boýunça bir gezek görkezilýär. Mugallymçylyk işini alyp barýan müdirler, okuw we okuw-önümçilik işleri boýunça orunbasarlary, okuw bölüminiň, bölümleriň we beýleki dolandyryşyň-hojalyk we okuw-terbiýeçilik işgärleri sagatlaýyn tölegli işleýän mugallymlara degişli edilýär, ýagny umumy jeme goşulýar (l-nji sütüniň 01 setiri). Önümçilik okuwynyň ussalary mugallymlaryň sanyna goşulmaýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**